# Ata Gandymyñ işleri -4/ romanyñ soñy

Category: Detektiw proza,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ata Gandymyñ işleri -4/ romanyñ soñy 7.

Nägadyr mürewwet kylyp, sylaşykly bolsa-da Geldi ketdäniň aýalyny azdyryp alany ýadyndan çykmadyk oba adamlary Ata Gandyma öz ýanlaryndan şübheli garaman duranokdylar. Şonuň üçin bolsa gerek, onuň bilen iş salşanlarynda mydama olar häzirdi: «Beýle bozuk adamdan her hili pislige garaşaýmalydyr».
Çary temmelem şolar ýalaky hüşgär adamlaryň biridi. Ol myhman gidensoň iňkise batyp, howatyrlanyp başlady. Sebäbi «ýigit garyp, namys baý» diýleni deý gele-gelmäni Ata Gandymyň oňa süýkenmegi, onda-da üstüňe gelip «oglum göwnese-de, men seniň bilen guda-garyndaş bolmagy uwnamok» diýip, düýeden possun oklan ýaly etmegi diýseň ýokuş degdi. «Onuň bi aýdýanlary ýene şeýtan oýny bolsa kim bilýä? Belki gyzymy azdyryp almagyň kül-külüne düşendir, bedibagt. He-ýeý, «ogul-gyz janyňa ýagy, ýagsyz dünýäni nädeýin dagy» diýilýäni-dä bi. Agza bir düşüp başlansoň gyz oglany başyňdan kebelek aýlan ýaly edip goýbermekden gowusy ýok» diýip, aýgytly netijä gelensoň, Bossany üç-dört günüň içiňde özi ýaly bir halalhon adamyň ogluna dakdy oturyberdi.
Ýöne Polat üçin bu waka ýer goduklandan kem bolmady. Süňňi gowşap güň bolan şekilde bir salym sömelip duransoň ol howatyrly ses bilen dillendi.
– Gülbahar, Bossanyň saňa aýdan-diýen zady bolmadymy?
Başyyny aşak salan gyz köwşüniň ujundan nazaryny sowman dursa-da, gypynç etmedi. Damdygyny ýere gaçyrman jorasynyň sargydyny bitirdi.
– Polat dönük. Şonuň üçin meniň adymy diline-de almasyn – diýdi.
Gyzyň gowşuran habaryna demi tutulan ýigidiň çäksiz söýgüsi

birden ýaňsyly gülkä öwrülip janyna ot saldy. Hamala biri demliginden gysýan ýaly howa ýetmedi. Başy aýlanyp, gözüniň öňüni ümez aldy. Baş söýgüsi bilen syr alyp, syr berşen gojaman güjümiň astynda näçe wagtlap gam laýyna batyp galanyny unutdy. Eger düňle sähranyň etegini jäheklän ekinzarlyklaryň üstünden öwsen dälije şemal tas elbäniňkä dönen nepesini az kem durlamadyk bolsa üstüne şebnem (ilkiagşamyň çygy) düşýänçä onuň oturyp galaýmagy ähtimaldy. Mähribanyndan jyda düşen çaga ýaly iki egninden sojap demini alansoň Poladyň ahmyrly hüňňürdisi günortanyň garaňkysynda bazar guran serçeleriň jagul-jugulyna goşulyp gitdi. «Şeýle boljagyny bilen bolsam komandirowka uzadan aýagymam ýygnamazdym. Kimkä meni pitige mündüren? Ýene bi mojuk iş kakamyň hilesi bolaýmasyn? Özüniň-ä soňky günleri ökjesi ýeňläp, keýpi çaglanypdyr. Çaky göwnüne bir nagyş beslän borly».

Ilkinji bişow söýgüden işdäsi ýanan ýigit öz-özünden yza galyp bolmajasyny boldy. Gijelerine iki ýanyna agnap gözi çirim etmedi. Işdäsi kesilip, eti çekildi. Töwerek-daşyna bolýan-goýýan zatlara biperwaý garap, sustlaç göründi. Sebäbi onuň üçin humarbaz dünýäniň yşnagy gaçaýan ýalydy. Şol sebäpden bolsa gerek, kakasy indi ony kime öýlendirse-de, öýlendirmese-de parhy ýokdy. Ýöne şular ýaly ejirli günlerde ýegre dosty Şady hümmetdar bolmanda onuň hünibirýan möňňürip düze düşäýmegem gaty ahmaldy.

– Sen-ä bir nalajedeýin adam ekeniň, Polat. Gitse gümüni dartsyn şo gyrnak. Hudaýa şükür, nirä barsaň süri-süri gyz. Seniň deý injir ýaly ýigit haýsyny pitdikläp alanda häli bolman dur.

– Onyň dogry, Şady. Ýöne Bossanyň «dönük» diýmesi meni iňkise goýýa.

– Diýse diýip geçsin. Ýatdan çykar ony.

– Diýseňem-ä onuň aýdanynyň bir emmasy bolmaly.

– Hiç hili emmasam ýok. Ol aýal-ebtatlaryň gybadyndan başga zat däl.

Dostunyň şu zeýilli sözler bilen göwnüni göterip, söýget bermegine Polat özüni rastlap başlasa-da Ata Gandymyň gylyk-häsiýetine telpek goýarça boldy. Sebäbi ol ruhy öçen oglunyň

aljyraňňy görnüşni görse-de, oňa gamhorlyk etjek bolup durmady. Gaýta nogsanlyk bilen eden işiniň jüpüne düşenine şeýle bir begenmek begendi. Hamala haja baryp gelenden özüni kem duýmady. Şeýle-de bolsa ol Çary temmeliň beýle tiz göçüm ederine garaşmandy. Gahar etse gyzyny okuwa ýollar öýdüpdi. Ýöne nähili bolanda-da, indi ol işiň söwdagär üçin tapawudy ýokdy. Oňa şu alasarmykda bu gününi ertä goýman oglunyň aýagyny duşamak derkardy.

8.

Ogluny öýlendirende, soňram atasynyň ady gelende Ata Gandymyň beren tutumly toýy adamlaryň ýakymly ýatlamasyna öwrülipdi. Sebäbi eli açyklyk etmeginden başga-da, käbir hantamaçylykly adamlar ýaly hörpi belent myhmanlaryň öňünde ýaýaplap durmady. Hemmäni deň tutup, hemmäniň göwnüni awlady. Şonuň üçin bolsa gerek, her kimiň Ata Gandym bolsa armany ýokdy. Çünki onuň ýaly alada gaýgydan saplanyp, maksat-myradyna ýeten, bazar bahasynyň şepagatsyz döwründe ýaýnaýan adam seýrekdi. Indi oňa erkin ýaşaýşyň hözürini görse bolanydy. Bu elbetde keseden göräýmäge şeýledi. Hakykatdan bolsa biçimi gelen ogul agtygy dogabitdi maýyp bolany üçin ol oglunyň ýanynda müýnürgäp, özüni bitakat duýýardy.
Kakasynyň ady dakylan Gandymjygy bejertmek işine ol işdämen ýapyşybam gördi. Ýöne Aşgabatdyr Daşkendiň, Moskwadyr Kiýewiň tanymal lukmanlaryndan delalat tapmady. Kime ýüz tutsa ajy hakykat öňünde keserdi durdy.
– Bi derdiň dermany ýok, ýaşuly. Ogluňy ýakynyňa öýlendirmeli däl ekeniň. Kim bilýä, ýaş oglandyr, belki uzagyndan ýagşy bolaýady-da – diýip, olaryň beren göwünliginden göwün bitmedi. Şol sebäpdenmi, nämemi, ýedi ýaşynda-da dil açmadyk çaga ruhy pes halyna çöp ýaly eli bilen atasynyň ýüzi gözünden sypalap oňa gysmyljyranda, janyna ot düşen Ata kirtlen özüniň etmişidir kylmyşyny nädip ýuwjagyny bilmän ýaýdanýardy. Şöwketli beren toýuna çenli işi paşanda «Ata Gandym, seňki geljegine haw» diýip, onuň kellesi göçüp beleň almasyndan indi oba göçüpdi. Ol mahal-mahal pikir girdabyna çümenini duýman

galýardy «Ýene uly gepläp Alladan daş düşen bolaýmaýyn? Aý şeýledir-ow şo. Bolmasa gözümiň ilki gören agtygymyň synasy sag, nepesi ýerinde bolaýanda nätdi. Goý, onuň ykbalyna ýazylany şo diýeli. Soňra bassyr bolan üç gyzyň birini ogul edip beräýende häli biribaryň elinden gelmän durmy näme?».

Dogan oglanyna öýlenmejek bolup biserhet dowul salan oglunyň özüni sussupes ýagdaýda alyp barmagy, hemişekisi ýaly ata-enesiniň ýanynda göwün posuny dökmezligi maşgala başyny iňkise goýmanam duranokdy. Ata kirtleniň çaky boýunça Poladyň dymma bolmagy ýigidiň kakasyndan ýüregine berç bolan öýkesiniň sessiz alamatydy. Gatnawly işini irnik görüp onuň şähere goşuny göterjek bolmasam belki şondan bolsa gerek. Ýöne çatnyşany bäri mekan eýlän öýüni taşlap gitmäge Altynjemal rowa görmedi. «Sen gitseňem daýym bilen daýzamy men taşlap bilmerin».

Şeýle bir sahypjemal bolmasa-da, adamsyny jan dilden söýýän gelin özüniň süýji dili, eden-gaýraty, mylakaty bilen garrylary ýesir edeni üçin turuwbaşdan içeriniň erk-ygtyýaryny eline alypdy. Onsoňam Altynjemal ataly ogluň arasynda iki kenary birleşdirýän köpridi. Kämahal adamsy ata-enesine hakykat gözi bilen seredip biderek zat üçin yrsaranda gaýnynyň tarapyny çalyp, Polada basalyk bermek gelniň endigine öwrülipdi: «daýym bilen daýzam mamla, Polat. Sen irnik görseň şo işi özüm edäýerin».

Umuman aýdanda Gandymjygyň tapsyzlygy diýäýmeseň baş söýgüsi derekli ädi ýanan Poladyňky paşypdy. Sebäbi basan ýerinden ot çykýan Altynjemal Kemine şahyryň: «Seniň eliň, meniň dilim hünäri…» diýen gelinleriniň hilinden bolup, haly, palas dokamakda, täze modaly köýnek tikip, ýaka, nagyşlamakda gelin gyzlary agzyna bakdyrypdy. Mehrewli gelin şeýdip hergiz-hergiz adamsyny dilgir etmän, mydama onuň bilen ýürekdeş gopýany üçin maşgala oňa guwanýardy, o-da maşgala.

Ýöne adamzat kowmunyň maňlaýma Allatagallanyň ýazyşyna görä ýedi gat ýer bilen ýedi gat asmanyň arasynda durmuşyň birsydyrgyn gitmeýşi ýaly Ata Gandymyň içerisindäki hemişeki ynjalykly hözüriň hem soňky wagtda täsiri gaçyp başlapdy. Muňa söwdagär aýtmyşlaýyn onuň agsak duşmany bolup yzydan galmaýan

Myrat Böriýewiň (soňky wagtda ol welaýat milisiýasynda OBHSS-iň hadymy bolup işleýärdi) gondalaw bermegi boldy. Bir wagtlar ýüreginde hylt galan maýor (indi ol podpolkownikdi) Ata Gandymyň gatnaşýan polkownigi pensiýa çykmadyk bolsa onuň ýele ýanyndanam köwlenmezdi. Ýene amatly pursat geleni üçin ol ony mugyra getirip mazzalyja ýonansoň demir gözenegiň aňyrsynda delmirtjekdi. Şonuň üçin günorta çaý başynda agtygy Gandymjygy söýüp-söýgüläp otyrka organ işgärleri gaýa-gopuz ýok ýerden ony güpbasdy etdi. Gödensiz hereket bilen içeri kürsäp giren üç ýigidiň biri «ýaşuly, oturan ýeriňden gozganmaly däl» diýip, abaýlasa, beýleki ikisi sen-men ýok ýerden içerini döküp başlady. Öwzaýyň bozukdygyny aňan Ata kirtlen dyzmaç ýigitleriň hereketini geňlese-de, beýle diýdimzorluga garşylyk görkezjek bolup oturmady. «Şü öýde tapanyňyz özüňizki, inilerim» diýen terzde mylaýym owaz bilen olara ýüzlendi.
– Şeýtmäge rugsadyňyz berin barmydyr, oglanlar?!
– Biz şo seniň rugsat diýýän zadyň – diýip, barlagçynyň biri rüstem owaz bilen ýerliksiz hikirdände bosagada Altynjemal peýda boldy. Ol «bi nämäniň alamaty, daýy?» diýen şekilde gaýynatasyna soragly nazar salan pursaty ýaşuly mekirlik bilen gözüni gypyp goýberdi.
– Gandymjan hokgeý oýnajak diýýä. Onuň o tamda çüýden asylgy taýagyny getirsene, gyzym!
Gaýyn atasynyň ümüne düşünen akylly gelin kän garaşdyrmady. Yzyna eli goşaly dolanyp, mylaýymdan gelen hökümli äheňde dillendi.
– Aýu, miliseler, ýene eşitmedim diýmäň. Prokurordan rugsadyňyz bolmasa saýlanyň şu ýerden. Bolmasa-da üçüňiziňem eneňizi dula bakdyryn. Barlagçy bolan günüňize ýanaýyn diýsäni…
Aňka-taňka bolan barlagçylar biri-biriniň ýüzüne bir pursat garap goýberensoň, gapa tarap öwşerişdi. Onýança ýaragyna ok sürdürýän gelniň buz öwüsýän ýüzüňde ýagşylyk alamatyny aňmansoň, lapykeç halda daşary çykdylar. Ýöne munuň bilen iş tamam bolmady. Bir salymdan üýtgewsiz ynanjyna bil baglan Myrat Böriýewiň özi geldi. Ol dil ujundan göwünsiz salamlaşan bolup emenjeň gözüni içerä aýlansoň, jübüsinden çykaran

kagyzyny öýüň eýesine uzatdy.
– Şü-ýä, Ata aga, prokuroryň rugsady. Tanyş-bilşiň ýüzüne gelmek bize elbetde agyr düşmän duranok. Nätjek, iş-dä bi, üstüňden maglumat düşensoň barlamaly bolýas-da.
Aslyýetinde Ata Gandym tarapa barmak çommaldan adam ýokdy. Bir sapar altyn dükanyndan onuň çykyp gelýänini alysdan gören Böriýewiň özünden çykaran hokgasydy. Muny söwdagär azdan-känden aňman duranokdy. «Mekabadyny Alla bermiş, deýýus, çaky meni tazykdyrmak üçin özi daşarda köw-söw eden borly». Mydama garga hüşgärligi, bilen doňuz diňini elden bermeýän öýüň eýesi dodagynyň ujundan syrly ýylgyransoň sözüni süýjüdip Böriýewe gyjalat berdi.
– Äl, Myratjan, diýýän-ä, ikimiz kämahal gaşynyşyp durmasak içimiz gysýan bolupdyrysmy ýa meniň göwnüme şeýlemi? Bi ülpetleriň-ä towşan tüý eneni. Görýän weli, duşmanym siz bolsaňyz, gelnimiz tamdyr kesewisini dalawlandan bary ýazzyny beräýdi. Ýaragym hyşa bolaýjak öýdýän. Hih, hih, hi-i edip şyglap gülende, barlagçynyň biri söwdagäriň ýaňsyly igenjine çydap bilmedi.
– Batyrada-da jan gerek ýaşuly!
– Aý, şeýledir-em diýdim-le. Ýöne Myratjan çagalary ürküzip ýörenden özüňjik göni geläýmeli ekeniň. Al, geregiň meniň tünegim bolsa barla, armanyň galmasyn! – diýip, aýdansoň göwnübir ýaly Ata Gandym ornundanam gozganmady.
Maşgala başynyň gepiniň salgyndan oňuň bu saparam aldyrtmajagyny, özüniň albaýa çapyp gelenini Myrat Böriýew dessine aňdy. Ýöne ondan jyr tapmaga aşa öwsünýäni üçin ol bu işe höwesek ýapyşdy. Dördüsi dört ýerden öýüň içini-daşyny agtardy. Üçekdir garaž bilen towuk ketege çenli buzow dören ýaly edip, tylla gözlenýän guraly tamyň diwarlarydyr petigine öwran-öwran tutubam gördüler. Tapan zatlary bolmady. Çolpusyna zat ilmän, paltasy daşa degen Böriýew ahyry gaharyna böwet basyp bilmän sesini gataltdy.
– Ýygnan gymmat bahady weçleriňi nätdiň?!
Ata kirtlen özüni aklajak bolup durmady-da, naçalnigiň çepinden turdy.
– Nädenimi häli bileňokmy?

– Bilmämsoň soraýan-da.
– Onda bek bellegin, kemçin heleýlere sowgat berdim. Ynanmasaň köçä çykda soraý, iki başdan barlamaga gelipsiň.
Ýene-de işi öwüç almansoň, söwdagär bilen öjügip durman öwsaýy görnüşde ondan idin aldy.
– Bagyşla, ýaşuly ikimiz şeýle-dä biziň.
Ata Gandym gepleman-zat etmän onuň bilen daşary ugurdaş çykyp melleginden köwläp alan gögüni gazete dolansoň, Myrat Böriýewe uzatdy.
– Al, inim, çorba atyp iýseň datly bolýa!
– Näme bi?
– Şalgam!
Manysyna nähili düşünseň şo hili düşünmeli diýlen gep näler agyr degse-de, bir bada jogap tapman utanja galan Böriýew söwdagäriň ezýetini çekmeli boldy.

9.

– «Owf-f – diýip, biygtyýar aşak çökensoň ol öz-özünden hüňňürdedi: «Eý gudraty güýçli Ysmamyt ata, belany sag-aman üstümden sowanyň üçin hudaýyň ýoluna saňa bir goýun sadaka!»
Onýança aňyrdan gelen Polat maşyndan düşüp-düşmänkä howatyrly dillendi.
– Näme boldy, kaka, organ işgärleri bi ýerde näme edip ýör?
– Ony Altynjemaldan sora, oglum – diýip, demini dürsänsoň, Ata Gandym mellek ýeriniň aýagujyna garap gaty-gaty ýöräp gitdi. Ýöne ol öz ýeriniň çäginde aýak çekmedi. Gowaça kartasynyň ilersindäki gawun atyza ýetip, biraz doňuz diňini salansoň, ylgaşlap yzyna gaýtdy. Aňyrdan gelşine-de, o ýerini, bu ýerini gözläp nazaryna gerek zady ilmänsoň ýüregine howsala düşdi.
– Gawun atyzdaky garantgy edilen güpbini görmediňizmi?
– Köne güpbini başyňa geýjekmi? – diýip gaharly owaz bilen Polat gygyranda Ata kirtlen tisginip gitdi. Birinden morta söz eşitmegi ýokuş görýän söwdagär özi müýnli bolansoň, oglunyň herrelmesini geňläp durmady. Üç-dört günden bäri onuň ykaraty bilen öwrenişipdi. Oňa-da bir wagtlar Ata Gandymyň özi sebäp bolupdy. Eger ol şahsy bähbidini aramak üçin Çary temmele

«oglum institutda okaýarka bir kemçin aýalyň girisine düşüpdir» diýip, dilinden sypdyrmadyk bolanda ataly ogluň arasynda gaýtadan tow düşmelem däldi. Üstüni çaň basyp galan aýbygadym gürrüňlere-de Bossan özünden idinsiz gondalaw berdi. Ýogsam ol ýolda sataşmanda eýýäm haçanlar ýüregi baslygan Polat imi-sala gezibermelidi. Ýöne ol işden gaýdyp gelýärkä bir wagtlar janyna otlar salan baş söýgüsiniň duşundan biperwaý geçip gidibermedi. Ulagyny saklap mürehet edende ikisiniňem ýüzi-roýy jümjüme ýaly gyzarsa-da özüni tiz ele aldylar.

— Kakaňlara barýaňmy, Bossan?

— Hawa.

— Onda mün-dä maşyna!

— Bir hili bolaýmasa!

— Hiç hili bolasy ýok. Indi sen ärli, menem aýally.

Olar ýol boýy hal-ahwal soraşyp barşyna gelniň biwepalyk edenini Polat ýaňzydanda, Bossan onuň Aşgabatda okan döwründe eden-goýanlaryny çekinmän ýüzüne basdy.

— Meniň aýal üstüne barmajagymy bilmediňmi näme?

— Haýsy aýalyň üstüne, niräniň aýalynyň üstüne — diýip, ör gökden gelen ýigit ulagyny saklanyny bilmän galdy.

— Maşynyňy sür, ýol üstüňde beýdip durmaly.

— Aýdýanyň näme, Bossan, beýle samsyklaç gürrüňi kim aýtdy saňa?

— Seniň kakaň aýdypdyr meniň kakama.

Polat üçin maşynyň içinde bomba ýarylandan kem bolmady. Beýnisine uran gahar-gazabyndan ýaňa synasy bükdürilen sime öwrülip, gulagy şaňlap gitdi. «Eger şü gürrüň ugrunda bar bolaýsa men indi oňa etagat etmen. Beýle biygtybar atanyň ýüzüne köz degsin» diýen pygyl bilen öýüne ýetenini duýman galdy. Içeri giribem bahana aramagyň ebeteýini tapman otyrka kakasy oňa habar gatyp gybatbaşy bolanyny duýman galdy.

— Oglum, bi nä bu gün gijä galyp geldiň, keýpsiz görünýäňmi ýa meniň göwnümemi?

Poladyň jogaby düýeden possun taşlanan deý gödeksi eşidildi.

— Aşgabatdaky aýalymyň ýanynda eglendim.

— Düşünmedim, oglum.

Polat sesini gataldyp, kese bakdy.
– Düşünip, düşünmez ýaly näme bar bi ýerde. Institutda okaýarkam öýlenen aýalym-da.
Oglunyň nireden tozaýanyna akyl ýetiren söwdagäriň ýüzi gyzaryp-bozarsa-da, ol alňasamady. Gülüm-ýalym edip, biperwaý dillendi.
– Päheý, oglum, şonam gürrüň edip ýörärlermi. Seniň bähbidiň üçin bir wagtlar aýdylan gepdir-dä.
– Sakally-sarmykly halyňa ogluňy ýeňsesinden satmaga utanmadyňmy?
Aşa gahary gelen Polat çynyrgadyp baransoň, gaçalgasyny aldyran Ata Gandym, «ýalanyň süýjüsinden çynyň zäheri datly» diýlenini edip gaýtmyşym etdi.
– Geç günämi oglum, şo babatda men seniň öňüňde ýazykly.
– Geçmen. Besdir, indi. Ozalky edenleriňem az däl – diýende goňşusy işikden giripdi.
Yna, indem ýakyn günlerde atasyndan goşuny saýlamagy niýetine düwen Polat işden gelse organ işgärleri öýlerinden çykyp barýarlar. Olaryň biderek ýere gelmänini, kakasynyň ýitiginde bir ýowuzlygyň baryny ýigit bada-bat aňany üçin erkine edem edip bilmedi.
– Köne güpbini başyňa geýjekmi – diýip, azgyrylanda Altynjemal peýda boldy.
– Wi-i, häli Ýaýlym letdeçi gelende Gandymjan aglap goýmansoň men-ä o artyby jül-jüle çalşaýdym.
Ýüreginiň ornuna tokga buz goýlandan kem bolmadyk Ata Gandym özüni lampa aşak goýberenini duýman galdy. Ol ejiz owaz bilen dodagyny tebsindirip suw diledi. Ýöne teşneligi ganansonňam aýak üstünde oturyp bilmän bir ýana agyp gaýdyberensoň, ony göterip içerde ýatyrmaly boldy. Dogtor kän garaşdyrmady. Bimaryň ganynyň basyşyny ölçände «180» diýip, başyny ýaýkady. Tenine sanjylan däri peýda etdimi, nämemi, bir salymdan soňra Ata Gandym üç-dört gezek uludan pallap usurgady.
– Nämedir bir zada gysynsaň şeýle bolýa. Hälem wagtynda habar edäýeniňiz. Ornundan galman rahat ýatsa ertire çenli ýagşy bolar ynşalla – diýip, doktor, gidensoň, Polat obanyň ilersinde ýaşaýan Ýaýlym letdeçiniňkä gitdi. Syrly güpbini

nädip yzyna alyp boljagyna bada-bat akyl ýetirip bilmese-de, barjak ýerine golaýlaşdygyça onuň ganyna ata kowmundan geçen şeýtanlyk sowalga tapdy. Ol Ýaýlymyň öýüne ýetmän ulagyňdan düşüp bardy-da ýaşuly bilen ikelläp görüşip, edep saklady. Çaý-suw mürehet edilende çöregiň duzuny dadyp, ýumşuny aýtdy.
– Ýaýlym aga, şü ýerden geçip barýarkam köne sahanam iş tapdy duruberdi. Maşynyň teýine düşär ýaly köne-sana zat tapylmazmy? – diýende, ýaşuly ýigidiň öňüne düşüp letde ýüklenýän arabasynyň ýanyna eltdi.
– Şuny düşeseň ýumşak bolar, oglum. Ozalam maşynyň astyna atylan borly, häli sizden alyp gaýtdym.
Gara ýagdan tegmil düşen güpbide entek nähili gudrat baryndan habarsyz Poladyň näme üçindir ýüregininiň düňküldisininiň gulagynda eşidilenine onuň özem şo wagt düşünmedi.
– Öýümize ýetjegime kän bir ynanybam duramok, Ýaýlym aga. Kyn görmeseň letdäňi ertir getirip beräýsem niçik bolýar?!
Ikilik diýen zat tebigatyna ýat bolan mön ýaşulynyň owazy göwünjeň eşidildi.
– Getirmeseň-de bolar, oglum. Maşynyň çüýünden başym çykmasa-da belki kömegim gerekdir saňa – diýende, Polat aladalandy.
– Ýok, Ýaýlym aga, azar edinip ýörme, sag bol!
Hereketinde ýadawlyk alamaty görnetin görnüp duran letdeçi bilen hoşlaşanda pukara kişini aldany üçin Polat öz-özünden utanja galdy: «Şü kakam bir tüýsli-aýt, walla. Onuň göwnüni aljak bolup adam kä mahal edilmeli däl işem edäýýär». Letdeçini ol ýakyndan tanamasa-da, «Sen-ä Ýaýlym ýaly çekize halta bilen ursaň-da maňlaýyňa ak ýokmaz ekeniň» diýip, nepini-haýryny bilmeýän kişä oba adamlarynyň yza berýäninden habarlydy. Ýogsam Ýaýlym aga men diýen günleri kolhozyň brigadiridir skladçysy bolubam işlän. Ýöne bol-telki durmuşda ýaşamagy hudaý oňa miýesser etmändir. Şonuň üçinmi ýa-da sadalygy sebäplimi garaz, oňa «ýokmaz» lakamyny ýelmäpdirler.
Ýaýlym letdeçi barada oýlanyp barşyna Polat öýüne ýetenini duýman galdy. Ol daraklygyna basyp içeri girende petige garap gözüni süzgeledip ýatan Ata kirtleniň ejiz owazy eşidildi.
– Polat gelmedimi?
– Geldim, kaka, taplar ýagşymy?!

Söwdagär «hawa» diýen manyda gözüni ýumup goýberensoň, ogluna tarap ýuwaşlyk bilen soragly nazaryny aýlady.
– Şümi gözleýän güpbiň?!
Polat köne güpbini ýakasyndan tutup göwünsiz galdyranda ruhy öçen söwdageriň ýüzi ýagtylyp gitdi.
– Işigi içinden ilde, eliňdäkiniň tikin ugrundan bir gözenegini sök!
Kakasynyň aýdyşy ýaly edende bir bada ýigidiň gözüne enaýy zat ilmedi. Ýöne daşlyk bilen işligiň arasyňdaky galyň pagtany tüýdüp başlanda weli tylladan ýasalan on sany nika ýüzügi ýere patylap gaçdy. Özem her birine ýüz altmyş manat diýlip ýazylan bahasy bilen. Bir pursat ony aýasynda sypalap oturan Polat bu hili garaşmadyk ahwalata begenjegin-em bilmedi, gynanjagynam. Oglunyň alňasak ýagdaýyny Ata kirtlen aňyp, oňa ata pendini berdi.
– Jemi üç ýüz sanydyr. Ýöne eneňem bilmesin, gelniňem. Aýal kowmunyň dili uzyn bolýandyr. Sorasalar «güpbide wajyp dokumenti bar eneni diýäý. Onsoňam şuny bek bellegin «Dostuňa-da syr berme, dostuň öte dosty bar».
«Gyzyl görse Hydyr azar» diýleni boldumy ýa-da müşgül hala düşen kakasyna rehimi indimi, nämemi, ýigidiň bogny gowşady.
– Beýle hatarly işe haçan baş goşup ýörsüň?
– Ýurt bozulyp başlan badyna.
– Munyň ornuna haly-palas, maşyn alaýmaly ekeniň-dä, kaka.
– He-ýt, oglum, entek gögele bolýaň-a. «Agaryp öňe gitme, garalybam yza galma» diýlenini eşitmediňmi näme. Olar ýaly wejiň golaýyna barmagyl. Häzirki adamlaryň möjekleşip giden döwründe o aýdýan zatlaryň göze ilgiç bolýandyr.
Düýn oglundan awunmasy, bu günem organ işgerleriniň güpbasdy etmegi, soňra-da köne güpbi derekli otly köýnek geýmesi syrkawy hetdenaşa gynandyrany üçin daňdanlar onuň gan basyşy ýene ýokarlanyp, ýüzi-gözi gara ört boldy. Teň hala düşen nähoşa oba lukmanynyň haýry-nepagaty degmejek bolansoň, ol welaýat keselhanasyna äkidildi. Ýöne o ýere ýetmänkä Ata Gandymyň çep ýany ysman galdy.

10.

Güýzüň nurdan doly günleri. Mylaýym howa. Gür garabaglyk obada höküm sürýän imi-salalyk. Säher çagynyň şular ýaly ümsümliginde aýagyny ýemsäp basýan, taýakly ýaşula gezim etmek köpden bäri werdiş bolupdy. Hemişekisi ýaly ol bu günem köçäniň ýanýoluny boýlap barşyna akylly gelin deý sülmüräp oturan agaçlaryndan aram-aram tenýän sary ýapraklary gussaly nazary bilen synlaýardy. Nobatdaky hantamaçylykly günüň aladasyna çykýan adamlardan deň-duşlary daýanyp hal-ahwal soraşaýmasa, öz aladasy özüne ýetik ýaş-ýeleňler onuň duşunda aýak çekenokdy. Ýöne ýagşy bilen ýamanyň, halal bilen haramyň parhyny bilýän obadaşlary ony kän bir pisläbem ýörenokdylar, öwübem.
– Kezzap bolsa-da, öz-ä ykrarlydy, bende.
Şeýle alasarmyk häsiýetnama muwapyk adam eserimiziň gahrymany Ata Gandym ýa-da Ata kirtlendi. Ol bir ýyla golaý ýatyra bolup, ölüm pillesinde aýak üstüne galypdy. Ýöne ol indi ýyndam ýyllaryň giň gujagynda ýaýnap, degre-daşyna toýnak salýan demlek erkli Ata Gandym däldi. Şirin janyny aldym-berdime salan ýowuz keselden soňra görgüsi ýamanyň gözüne işem görünmeýärdi, baýlygam. Oňa indi owal-ahyr günä-ýazykdan hamyla bolan, jepasy agdyk, albaýly dünýede takdyra ten berip ýaşamak galypdy.

1992-nji ýyl.

Hangeldi GARABAÝEW,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy. Detektiw proza